Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№6 (56) 2023-nji ýylyň 28-nji fewraly



*Syýasy teswir*

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**21**-*nji fewralda* hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy hökmünde işini tamamlaýan Natalýa Germany kabul etdi.

Duşuşygyň dowamynda soňky ýyllarda merkeziň öňüni alyş diplomatiýasyny ilerletmek boýunça işiniň üstünlikli dowam edendigi, hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň döredilendigi hem-de sebitde anyk maksatnamalary durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň depgininiň güýçlendirilendigi kanagatlanma bilen bellenildi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz hem-de BMG-niň sebit merkeziniň ýolbaşçysy birek-birege hoşniýetli arzuwlaryny beýan edip, däp bolan hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de üstünlikli dowam etdiriljekdigine ynam bildirdiler.

* * *

**21**-*nji fewralda* Tokio şäherinde Ýaponiýanyň Ykdysadyýet, söwda we senagat ministrliginiň, Daşary işler ministrliginiň goldaw bermeginde Ýaponiýanyň ROTOBO assosiasiýasy tarapyndan «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» işewürler dialogy geçirildi. Oňa Merkezi Aziýa döwletleriniň Ýaponiýadaky Ilçileri, Merkezi Aziýa döwletleri bilen döredilen Ykdysady komitetleriň ýolbaşçylary, Ýaponiýanyň Ykdysadyýet, söwda we senagat ministrliginiň, Daşary işler ministrliginiň hem-de ýapon kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Ýaponiýadaky Ilçisi A.Baýramow çykyş edip, iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary, ýapon kompaniýalarynyň Türkmenistanda işlerini alyp barmagy üçin döredilýän amatly şertler barada aýtdy we çärä gatnaşan kompaniýalary Türkmenistanda taslamalary amala aşyrmaga çagyrdy.

* * *

**22**-*nji fewralda* türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş sekretarynyň Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy hökmünde işini tamamlaýan Natalýa Germany kabul etdi.

Duşuşygyň dowamynda uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy alyp barýan ýurdumyzyň sebitde durnukly ösüşi, hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk gatnaşyklaryny saklamak hem-de olara goldaw bermek işinde BMG-niň ygtybarly we strategik hyzmatdaşyna öwrülendigi nygtaldy.

* * *

**24**-*nji fewralda* ýurdumyzda Mejlisiň deputatlygyna, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalygyna saýlaw möwsüminiň çäklerindäki dalaşgärleri hödürlemek işi tamamlandy. Häzirki wagtda dalaşgärleri bellige almak işleri dowam edýär. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, saýlaw okruglarynda syýasy partiýalaryň komitetleriniň we raýatlar toparlarynyň dalaşgärleri hödürlemek boýunça mejlisleri geçirildi.

* * *

**24**-*nji fewralda* hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek bilen bagly käbir meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy, milli ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilen resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow 2023-2024-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň ykdysadyýetine ýokary we innowasion tehnologiýalary çekmäge gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin Hereketleriň meýilnamasynyň taslamasynyň işlenip taýýarlanylyşy barada habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýere, daşary işler ministrine bu ugurda işleri yzygiderli dowam etdirmegi tabşyrdy we daşary ýurtly hyzmatdaşlar, şol sanda halkara guramalar, ugurdaş işewürlik düzümleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

***«Ýaş diplomatyň sesi».***




## Новый образец доброжелательных отношений

21-22 февраля 2023 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов посетил с официальным визитом Королевство Бахрейн.

В рамках данного визита был подписан Меморандум о взаимопонимании между Институтом международных отношений МИД Туркменистана и Академией дипломатических исследований имени Мухаммеда бин Мубарака Аль Халифы.

## «Talyp gözeli – 2023» bäsleşiginiň institut tapgyry

2023-nji ýylyň 24-nji fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň bilelikde guramagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp gyzlarynyň arasynda yzygiderli geçirilýän «Talyp gözeli – 2023» atly gözellik bäsleşiginiň institut tapgyry geçirildi.



«Talyp gözeli – 2023» atly gözellik bäsleşiginiň institut tapgyrynda Halkara hukugy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby Ogulşirin Geldiýewa baş baýraga mynasyp boldy.

***«Ýaş diplomatyň sesi».***

## HOŞ HABAR!

**Birleşen Milletler Guramasynyň ştab-kwartirasyndan Türkmenistanyň ýene-de bir möhüm başlangyjynyň kabul edilendigi baradaky şatlykly habar gelip gowuşdy. 2023-nji ýylyň 24-nji fewralynda Nýu-Ýork şäherinde bu guramanyň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 60-njy umumy mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça biragyzdan «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Kararnama kabul edildi.**

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

# TÜRKMEN-BAHREÝN

## HYZMATDAŞLYGYNYŇ TÄZE ÄDIMLERI





### *Köňülleriň, hyýallaryň birligi*

Türkmen topragynyň köp bölegini tutýan giň Garagum deýin, meýdanynyň

> ***«Uzak wagtyň synagyndan geçen dostluk ýollary, sözüň doly manysynda, halklara haýyr getirýär. Dostuň güler ýüzi, dostuň dana sözi, dostuň ýoluňa garaýan gözi diňe bir ynsany däl, eýsem, illeri-de ýürekden baglaýan närselerdir. Arada ýatan menzillere garamazdan, ýürek sesi ýürek sesiňe sazlaşýan dostlaryň gadyry-da, gymmaty-da başgaça bolýar. Garaşsyzlygymyz bilen gülläp ösen türkmen-bahreýn dostlugy-da barha gül açmak bilendir. Döwlet Baştutanymyzyň 2023-nji ýylyň 21-22-nji fewralynda Bahreýn Patyşalygyna amala aşyran resmi sapary, onuň dowamynda gazanylan ylalaşyklar we gol çekilen resminamalar iki döwletiň hem täze taryhyna şanly waka bolup ýazylar.***

aglaba bölegini çöllük tutýan Bahreýn Patyşalygynyň hem türkmen halky ýaly sähraýy kalply halky bar. Myhmana gyzgyn gujakly, naz-u-nygmat doly saçakly, diňe gapysy däl, göwni-de açyk bahreýnlileriň uýýan dinleriniň birliginden başga-da, biziň halkymyz bilen meňzeşlikleri juda kän. Deňiz bilen ýuwulyp duran altynsow çägesi melhem, adaja şemala sazlaşýan tolkunlarynyň mylaýym sesi, müň öwüşginli Awazamyza kybap dynç alyş kenarlary bahreýnlileriň güler ýüzleri deýin ýakymlydyr. Dünýä syýahatçylarynyň we jahankeşdeleriniň üns merkezinde duran Bahreýn Patyşalygynyň paýtagty Manama şäheriniň bu günki ösüşleri arap ertekileriniň jadysyny ýadyňa salýar. Edil biziň Aşgabadymyz ýaly, sungatyň, gözelligiň, milli medeniýetiň jadysy öz nuruny bu şähere bolluk bilen eçilipdir.

### *Ýakyn Gündogarda işjeň hyzmatdaş*

Ýakyn Gündogar ýurtlary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Türkmenistan we Bahreýn dostlukly esasda hem-de köptaraplaýyn görnüşde, halkara guramalaryň, şol sanda Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk edýär. Bahreýn Patyşalygy Türkmenistanyň Prezidentiniň oňyn başlangyçlaryny yzygiderli goldaýar.

Bahreýne ilkinji ýokary derejedäki sapar 2011-nji ýylyň 9-10-njy fewralynda Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan amala aşyryldy. Gepleşikleriň netijesinde hökümetara resminamalaryň ençemesine gol çekildi.

Bahreýniň köp sanly işewürleriniň ýurdumyza gelmegi hem-de türkmen döwleti bilen hyzmatdaşlyk etmäge bildirýän ýokary gyzyklanmasy ýurdumyzyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda gazanýan okgunly ykdysady ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Döwletiň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifanyň 2019-njy ýylyň 17 — 19-njy martynda ýurdumyza bolan resmi saparynyň türkmen-bahreýn hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň ýolunda möhüm ädim bolandygyny bellemek gerek.

Şu gezekki resmi saparyň barşynda hormatly Prezidentimiziň Bahreýn Patyşalygynyň ýokary döwlet sylagy — Şeýh Isa bin Salman Al Halifa adyndaky birinji derejeli ordeni bilen sylaglanmagy diplomatik we dostluk gatnaşyklarynyň aýdyň geljegine bildirilen uly ynamyň nyşanydyr.

### *Ylym-bilim — hyzmatdaşlygyň möhüm ugry*

Iki dostlukly döwletiň arasynda ykdysadyýet, söwda, energetika, azyk pudagy, maýa goýumlar, medeni-ynsanperwer, syýahatçylyk we beýleki ulgamlar boýunça hyzmatdaşlyk üçin amatly mümkinçilikler bar. Şunuň bilen birlikde-de, ylym-bilim babatdaky hyzmatdaşlyk hem halkara gatnaşyklarynda möhüm ugurlaryň biridir. Şu gezekki resmi saparyň barşynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Bahreýn Patyşalygynyň Daşary işler ministrliginiň Mohammed bin Mubarak Al Halifa adyndaky Diplomatik bilimler akademiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Täze hukuk resminamasy türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebi tarapyndan beýleki daşary ýurt ýokary okuw mekdepleri bilen mundan öňki gazanylan ylalaşyklaryň üstüni ýetirip, ylym-bilim ulgamynda türkmen-bahreýn hyzmatdaşlygynyň täze belentliklere tarap ýnamly öňe barýandygyny ýene-de bir ýola subut etdi.

Hormatly Prezidentimiziň Bahreýne ilkinji resmi sapary diňe bir türkmen-bahreýn gatnaşyklarynda däl, eýsem, Aýlagyň Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlary bilen hyzmatdaşlygynda-da möhüm wakadyr. Taryh sahypalarynda ýakymly ýatlamalar bilen möhürlenen şu gezekki resmi saparyň dowamynda gol çekilen köp sanly möhüm ähmiýetli döwletara resminamalar, gazanylan ylalaşyklar türkmen-bahreýn gatnaşyklarynda täze menzillere ýol açýar.

***Atamyrat ÝAZWELIÝEW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

## العلاقات تركمان البحرين

تفتح هذه الزيارة صفحة جديدة وهامة في تاريخ العلاقات الحكومية الدولية الهادفة إلى تطوير تعاون واسع النطاق من أجل الازدهار المشترك على أساس الصداقة والتقارب الروحي الذي يربط شعبي البلدين

إلى جانب ذلك ، ستصبح هذه الزيارة الخطوة التالية في تنفيذ سياسة تركمانستان المستقلة والمحايدة التي تهدف إلى تطوير علاقات فاعلة مع جميع دول العالم ، بما في ذلك دول العالم العربي

أقيمت العلاقات الدبلوماسية بين تركمانستان ومملكة البحرين في ديسمبر 1995

وفي هذا الصدد ، اكتسبت العلاقات القائمة على مبادئ الثقة المتبادلة واحترام مصالح كل منهما طابعًا واسع النطاق وفتحت فرصًا واسعة لتطوير التعاون الفعال في مختلف القطاعات

يعتبر مجمع الوقود والطاقة ، وهو استراتيجي لاقتصاد البلدين ، أحد المجالات ذات الأولوية للعلاقات الحكومية الدولية

ونظراً لاتجاه الطرفين لتنويع العلاقات المثمرة ، فإن هناك فرصة كبيرة لتطوير التعاون في القطاعات الأخرى ، بما في ذلك التمويل والاستثمار والنقل البحري والسياحة والرياضة.
يحظى تطوير هذه الأنظمة بأهمية كبيرة في تركمانستان والبحرين

العلاقات في هذا المجال هي جسر فريد من الصداقة والتفاهم المتبادل بين شعبين شقيقين تربطهما تقاليد روحية وثقافية مشتركة

وأعربوا عن ثقتهم في أن العلاقات التركمانية البحرينية سوف تتطور بنجاح أكثر ، وأعربوا عن أطيب تمنياتهم لشعبي البلدين

معهد العلاقات الدولية وزارة خارجية تركمانستان

وهي طالبة لمدة ثالثة سنوات في كلية الصحافة الدولية

أيلار أتاجيكوف

# НОВЫЙ ЭТАП В РАЗВИТИИ ДОБРОЖЕЛАТЕЛЬНЫХ ОТНОШЕНИЙ

***В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства под руководством уважаемого Президента в стране совершенствуется национальная система образования в целях воспитания достойного молодого поколения, которому «предстоит продолжить великие начинания современной эпохи суверенной Отчизны», и прилагаются огромные усилия для наращивания гуманитарного потенциала и цифровых общественных благ в сфере образования, повышения квалификации и профессионального роста.***



Так, 21-22 февраля 2023 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов с официальным визитом посетил Королевство Бахрейн, тем самым открыв новую главу в истории межгосударственных отношений, в основе которых – узы дружбы, братства и духовного родства, связывающие народы двух стран.

Здесь хотелось бы акцентировать внимание на взаимодействии в научно-образовательной сфере, являющейся приоритетным вектором гуманитарного сотрудничества.

По итогам туркмено-бахрейнских переговоров на высшем уровне был подписан солидный пакет двусторонних документов, что поспособствует укреплению дальнейшего взаимовыгодного развития сотрудничества в сфере науки и образования между Туркменистаном и Королевством Бахрейн.

К нашей большой радости, одним из этих документов является подписание Меморандума о взаимопонимании между Институтом международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана и Академией дипломатических наук имени Мухаммада бин Мубарака Аль Халифы, который, а мы на это надеемся, внесет значительный вклад в укрепление культурно-гуманитарных отношений между двумя странами.

В рамках Меморандума о взаимопонимании, подписанного между высшими учебными заведениями Королевства Бахрейн и Туркменистана, в дальнейшем, предполагается сотрудничество по таким направлениям, как организация и проведение обучающих семинаров, научно-практических консультаций и исследований, участие в академических мероприятиях, обмен научными статьями, учебно-методическими пособиями, обучающими программами и др.

Таким образом, подписание этих Документов послужит дальнейшей активизации взаимоотношений между преподавателями и студентами высших учебных заведений двух дружественных стран.

Мы выражаем благодарность Национальному Лидеру туркменского народа и нашему Президенту за большие усилия по развитию всех сфер жизни туркменского народа, укреплению мира, налаживанию сотрудничества в различных сферах и наведению мостов дружбы и взаимопонимания между братскими народами, которых связывают общие духовные и культурные традиции, также в целях развития доброжелательных взаимоотношений со странами мира.

***Айгуль МЕРЕДОВА,***
***студентка II курса факультета Международных отношений Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.***

*Ady «Iki deňiz», has takygy, «Iki deňziň goşulýan ýeri» («Majmu'ul-Bahreýn») diýen manyny berýän, 51 sany tebigy, 33 sany emeli adada ýerleşen bu ýurdy 1783-nji ýyldan bäri Halifalar şanesli dolandyrýar.*

*Самое маленькое арабское государство по площади в мире, Бахрейн, является полностью островной страной. Располагается на архипелаге, состоящем из трёх более-менее крупных островов.*

# HALK WEKILÇILIGI KÄMILLIK ÝOLUNDA

Döwletlilik ýörelgelerine eýermek türkmen milletiniň aýratyn häsiýetleriniň biridir. Halkymyz ata-babalarymyzyň ýoly bilen ýöräp, halk häkimiýetliliginiň özboluşly nusgasyny kemala getirdi. Bu nusga şol bir wagtda degişli ugur boýunça dünýä tejribesiniň gazananlaryny, milli däpleri we aýratynlyklary özünde jemledi. Köp asyrlyk taryhynyň çeşmelerine we hukuk tejribelerine esaslanyp, türkmen halky adamzat paýhasynyň, şeýle hem dünýä siwilizasiýasynyň ösüşli ýoluny saýlap aldy. Döwleti dolandyrmagyň syýasy-hukuk binýadyny döretdi. Biz bu gün Esasy Kanunymyzyň kadalarynda türkmen halkynyň bäş müň ýyllyk taryhyndan gözbaş alyp gaýdýan milli däp-dessurlaryny, adatlaryny we durmuş ýörelgelerini özünde jemleýän demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň häzirki zaman nusgasynyň öz beýanyny tapýandygynyň şaýady bolýarys.

> *Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly başlangyçlary bilen ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda düýpli özgerişlikler durmuşa geçirilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň kanun çykaryjylyk ulgamy hem yzygiderli kämilleşdirilýär. Türkmenistanda iň ýokary wekilçilikli häkimiýet edarasy — Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilmegi hem muny aýdyňlygy bilen görkezýär. Hormatly okyjylar, biz hem öz gezegimizde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň wezipeleri, ýerine ýetirjek işleri dogrusynda ýuridiki ylymlaryň doktory, professor, Türkmenistanyň at gazanan ýuristi, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy **Myrat HAITOW** bilen taýýarlan söhbetdeşligimiziň bir parçasyny makala görnüşinde size ýetirmegi müwessa bildik.*

Türkmenistanda 2008 — 2020-nji ýyllarda tapgyrlaýyn geçirilen konstitusion özgertmeleriň esasy ugurlary döwlet häkimiýetiniň gurluşyny, döwlet häkimiýet edaralarynyň hakyky tutýan ornuny kesgitlemekden, olaryň wezipelerini döwrebaplaşdyrmakdan, kanun çykaryjylyk işini ýokarlandyrmakdan ybarat boldy. Bu babatda 2023-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen bilelikdäki maslahatynda eden çykyşynda: «Siziň bilşiňiz ýaly, durmuş bir ýerde durmaýar, yzygiderli ösüp-özgerip barýar. Täze kadalardyr ýörelgeler bilen baýlaşýar we öňki garaýyşlar üýtgäp, başga many-mazmuna eýe bolýar. Şoňa laýyklykda, jemgyýetiň esas goýujy hukuk binýady hem hemişe kämilleşdirilip durulýar. Şeýdip, onuň milli aýratynlyklara, döwletiň ösüş derejesine, halkyň islegine laýyk gelýän kämil görnüşi emele gelýär» diýip belledi.



Halk wekilçiligi, onuň gelip çykyşy, taryhy kökleri gadymy döwürden bize mälim. Häzirki zaman türkmen taryhynda halk wekilçiligi milli parlamentarizmiň wajyp häsiýetidir.



Soňky ýyllarda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen geçirilýän döwlet häkimiýet edaralarynyň hukuk ýagdaýyny kämilleşdirmek, onuň işjeňligini artdyrmak bilen bagly özgertmelerde wekilçilikli häkimiýet edaralaryna uly orun berilýär. Bu ýöne ýerden däl. Çünki, wekilçilikli häkimiýetiň esasy wezipesi halkyň adyndan çykyş etmek, halkyň bähbitlerini goramak, ileri tutmak. Wekilçilik häkimiýeti her bir halk üçin mahsus bolan görnüşleri bardyr. Gadymy Gresiýa, Rim we beýleki irki döwletler müň ýyllaryň dowamyndaky gözlegleriň esasynda wekilçilikli häkimiýetiniň özlerine mahsus bolan görnüşlerini saýlap alypdyrlar. Türkmenlerde hem wekilçilikli häkimiýetiň kökleri halkymyzyň gadymy taryhyndan ugur alyp gaýdýar. Şunlukda, her bir halk döwlet gurluşynda öz ýoluny saýlap alýar. Dürli tejribeleriň bolmagy her bir döwletiň özüniň döwlet häkimiýet gurluşynyň gelip çykyşynyň taryhy çeşmelerine, milli däp-dessurlaryna we adatlaryna hem-de häzirki zaman konstitusion ylmynda hereket edýän taglymatlara we tejribelere esaslanýar.

> **Bu günki gün ýurdumyzda döwlet häkimiýetiniň täze piramidasynyň naýbaşy bolan Türkmenistanda iň ýokary wekilçilikli häkimiýet edarasy — Türkmenistanyň Halk Maslahaty döredildi.**

Bu günki gün ýurdumyzda döwlet häkimiýetiniň täze piramidasynyň naýbaşy bolan Türkmenistanda iň ýokary wekilçilikli häkimiýet edarasy — Türkmenistanyň Halk Maslahaty döredildi. Onuň döredilmegi bilen wekilçiliki häkimiýetiň we kanun çykaryjy häkimiýetiň konstitusion hukuk ýagdaýy täzeçe kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 61-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahaty Türkmenistanyň halkynyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edarasydyr diýip bellenilýär. Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň bölünişigine degişli bolman, şol bir wagtda döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň hem wekillerini özünde jemleýär, olaryň utgaşykly we sazlaşykly işlemegine ýardam berýär. Olaryň pikirlerini, tekliplerini nazarlaýar.

Öňki ýyllara garanyňda, Konstitusiýada Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzüminde «hemişelik agza» diýen düşünje girizilýär. Mundan başga-da, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipesinden boşadylýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ygtyýarlyklary bellenilen, hususan-da, kanunalaýyklykda Türkmenistanyň Konstitusiýasyny we konstitusion kanunlaryny kabul etmegiň, olara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegiň meseleleri boýunça tekliplere garaýar we makullaýar; döwletiň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryna, şeýle hem ýurdy syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryna we kanunlaryna garaýar we makullaýar; Türkmenistanyň Prezidentiniň her ýylky Ýüzlenmelerini diňleýär; parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerine garaýar; kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukugyny amala aşyrýar hem-de Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan gaýry ygtyýarlyklary amala aşyrýar.



Maksatlary durmuşda amal etmekde halk wekilçiliginiň nusgasy geljekde jemgyýetimiziň we döwletimiziň ösmegine, halkara bileleşiginde özüniň ornuny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine halkymyz uly ynam bildirýär.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty türkmen halkynyň döwleti dolandyrmagyň asyrlaryň synagyndan geçen demokratik däplerinden, durmuş ýörelgelerinden gözbaş alýan, döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli kanun çykaryjy edarasynyň işini kämilleşdirmäge gönükdirilen beýik başlangyçlary Watanymyzyň kanunçylyk esaslaryny pugtalandyrmaga uly ýardam eder.

***«Ýaş diplomatyň sesi».***

*Закон — это выражение любви к народу.*
***Шан Цзюнь Шу***

*Не может быть другого настоящего законодателя, кроме народа.*
***Дени Дидро***

# INNOVATIVE METHODOLOGIES IN TEACHING ENGLISH



English has become an important language in the world. Teachers from second language learning countries are creating innovative methodologies to teach the language in the classroom effectively. Teaching materials, teaching techniques should be updated to the interest of the second language learners. Innovative methodologies like use of games, role play, reading newspaper, watching TV, referring to dictionary etc., should be used as tools in the classroom. Skill based learning, knowledge based learning are essential for the growth and development of students.

Learning English is always a difficult process to most of the second language learners. Innovative ideas, interesting teaching materials, practicing and drilling learners for learning the second language should be done through infotainment ways.

Language can be learnt only through practice. Practical knowledge of learning a language is an experimental approach for language learners. Such learners should experiment their knowledge by communicating with others confidently. Their errors can be rectified or pruned through this practice. Teachers should develop students' confidence, independence, interest, and aid them to realize that their first language knowledge repository would be helpful to learn the second language confidently.

Teachers should discover activities and tasks that are filled with edutainment. Introducing various tasks would help learners to understand the use of language in real-life situations by engaging them in doing many activities in the classroom.

In the present age, students' acquisition of a language is measured in terms of their ability to communicate in the language rather than examining their grammatical skills. Many educational institutions have taken an extreme step by including a network of computers and related software, and slide projectors as a part of English learning process. English plays an important place in every student's life directly or indirectly.

And as the Internet comes increasingly to be viewed from a social perspective, so the role of language becomes central. Indeed, notwithstanding the remarkable technological achievements and the visual panache of screen presentation, what is immediately obvious when engaging in any of the Internet's functions is its linguistic character. If the Internet is a revolution, therefore, it is likely to be a linguistic revolution.

In this vying competitive world, most of the institutions have set up language lab for their students to learn English. At present, multimedia lab is quite attractive and instilling the interest of learning the language. The difference between a normal language lab and a multimedia lab is that the former provides audio equipment through which learners can listen to the tapes, record their voices, and communicate with the teacher, while the latter operates as a multifunction tool through which students can either listen to the tapes, watch videos and different TV channels, access internet or communicate with one another while the teacher can operate technical equipment to group or to pair students, and hold discussions within the class.

Media helps to kindle the learning interest of learners. The computer tools like internet, audio or video clips help learners to interact or listen to the native speakers; this increases the morale of learners. Using video, audio clippings in the classroom is a stimulus for students to communicate about anything interesting. Pronunciation, accent, vocabulary, reading, writing, listening, and speaking skills can be taught using media. Students' creative, analytical and productive skills can be honed by showing colorful pictures, inspiring speeches by great people. This method helps students to improve their communicative skills. Use of media in the classroom is voluminous and using newspaper, visual advertisements and clippings from movies as tools to teach English is a positive move.

Newspaper is an important tool to teach students in the classroom. Reading English newspaper should be developed as a habit among students that will help them to improve their vocabulary and love for the language. Though newspaper's primary purpose is to provide news to public, for students it teaches about the nuances of the language through news. A special component of newspaper is that it can be used and read according to the interest of the readers. Every reader's interest is being fed by different columns like film, sports, cuisine, politics, ecology, and science.

*Ayna SATGELDIYEVA,*
*Lecturer of the Department*
*of World Languages.*

# SESLENMELER KITABY

*Witaute ŽILINSKAÝTE,*
*litwa ýazyjysy.*

Kistoçka atly ýaş suratkeş öz döreden eserlerini tanyşdyrmak üçin ilkinji sergisini gurady. Serginiň açylyşy uly bolmadyk zalda geçip, birnäçe gün dowam etdi. Şol zalda üçburç stoluň üstünde göze has ýakymly duýulýan seslenmeler kitaby Kistoçka üçin möhümdi.

Serginiň birinji güni kitabyň sahypalaryny açyp, berlen bahalary synlamak üçin suratkeşiň ýüregi şeýle bir howlugýardy. Emma ol kanagat edip, seslenmeleri okamak üçin sergi gutarýança garaşmaly bolupdy. Sebäbi bu kitap onuň üçin döredijilik zehinini açyp görkezýän aýnady. Ýogsam suratkeş serginiň dowamynda: «Kim näme diýerkä?» diýip, her ýana aýlanyp, her ýerde gulak gabardyp gezmeli boljakdy...

Şonuň üçin şeýle kitabyň barlygy örän ajaýypdy! Şeýlelikde, serginiň iň soňky gününe çenli adamlar öz garaýyşlaryny kitaba bellediler. Şunlukda, bu güne sabyrsyzlyk bilen garaşan höwesek Kistoçka uludan demini alyp, şol stoluň ýanyna bardy-da, rahat ornaşdy. Soňra kitaby eline alyp, özi barada ýazylan seslenmeleri okap başlady.

Birinji berlen bahada juda närazylyk duýulýardy: «Näme üçin it tutýanlaryň durmuşyndan hiç zat ýok? A.K». Ýöne welin, ikinjisi suratkeşe ýarady: «Sergidäki suratlar ajaýyp, has-da balykçynyň balyk tutup duran pursady.

Suratkeşe mundan beýläk-de uly üstünlikleri, gowy suratlary çekmegi arzuw edýäris. Mekdep okuwçylary».

«Maňa, esasan, howuzda ýüzüp ýören ördegiň suraty ýarady. Onda, gör, nähili täsirlilik bar! Göräýmäge, ördek birden howuza çümüp çykyp, birden ýokarlygyna uçaýjak ýaly, onuň töwereginde bolsa gök teneçirleriň tans edişi has-da üýtgeşik beýan edilipdir... Bu howuzdaky ähli zat toslanyp tapylan däl-de, hakyky ýaşaýyşdan dem alýar. Eger-de suratkeş çekýän suratyny janly suratlandyrmagy başarsa, onda oňa ajaýyp geljek garaşýar! Hormatlamak bilen, I.Bumbulýauskas!».

Pikire garşy bolanlar şeýle ýazypdyrlar: «Ýoldaş, Bumbulýauskas, siz bir gezejigem bolsa, hakyky ördegiň nähili bolýandygyny görüpmidiňiz? Size 35 belgili awtobusa münüp, «Ýaşyl köllere» gidip görmegiňizi maslahat berýäris. Siz şol ýerde ördek diýip atlandyrýanyňyzyň, aslynda, gazdygyna anyk göz ýetirersiňiz. Bu suratda şekillendirilen teneçirleriň gymmatyna baha berip bilmerin, ýöne şol ýerde, hakykatdanam, gazyň şekillendirilendigini çaga-da tassyklar. (####)». «Nähili masgaraçylyk!» – diýip, indiki ýazan gazaba münüpdir. Kör-köpüge degmejek zat barada jedelleşipdirler. Ähmiýeti näme – ördekmi ýa-da gaz? Esasy zat mazmunlylyk. Halk medeniýeti uniwersitetiniň diňleýjisi Wimpilas».

Suratkeş maňlaýynda peýda bolan derini süpürip, ýene-de okamaga başlady.

«Aý ýog-a, siz näme bärik şahsy pikirleriňizi ýazmaga geldiňizmi? Biz sergä ruhy dünýämizi baýlaşdyrmak üçin gelýäris. Aýnadan seredip görüň, nähili ajaýyp bahar peýzažy! A siz bolsa gohlaşýarsyňyz. D.Danguolite».






«Näme? Aýnadan serediň?!» – diýip, ol içini gepletdi.

«A näme diýseňizläň, şol howuzdaky ördek däl-de, gaz! Kim-aý, şol akylly, «Ýaşyl köle» barmagy maslahat berýän? Ilki özi gidip görmeli ekeni, otag alakasy diýsäni!» (Ýazan adamyň diňe goly dur).

«Seniň özüň alaka, zoňtar adam. Eger-de ýazmaga zadyň ýok bolsa, kitaby bir hapalama-da!» (Sergä gatnaşanlaryň biri).

«Doganlar! Geliň, gowusy biz birek-biregiň göwnüne degmän, suratkeşiň şekillendiren howuzynda haýsy guşuň suratynyň çekilendigini pähimlilik bilen maslahatlaşyp göreliň!

Gysgajyk çüňki onuň ördekdigini tassyklaýar. Gazyňka meňzeş gülgüne gözleri bolsa şübhe döredýär. Doganlar, onsoňam unutmalyň, gazlar hemişe kenaryň işbil kän ýerlerinde duşýarlar. Bu mesele boýunça oba hojalygy boýunça abraýly hünärmenlere ýüz tutmagy teklip edýärin. K-ýne».

Bilesigeliji suratkeşde seslenmeleriň dowamynyň nähili boljakdygy baradaky gyzyklanma has-da möwjäp başlady.

«Ýazuwyňdan pikir çykarsam, sen – Kerpene! K-ýne diýip goýanam bolupsyň. Gaty gynançly! Oba hojalyk orta hünär okuw mekdebini tamamlap, öz ugruňdan başyň çykman, satyjy bolup işe durupsyň. Netijede, ördegi gazdanam tapawutlandyryp bileňok. Gaz diýýäniň janly suwda ýüzüp ýören gaz bolmaly, seniň et önümlerini dükanyňda satmak üçin niýetlän gazyň däl. K-ýneniň topardaşy».

«Topardaş! Şäherde özüň näme işleýärsiň, oba hojalyk mekdebini senem-ä tamamlapdyň. Hä-ä?»

Muny suratkeş K-ýneniň dostudyr öýdüp pikir etdi.

«Gazçylar we ördekçiler, watançylyk ruhunda ýazmaklyga hem az-kem üns beriň! «Älemgoşar» gazetiniň baş redaktory».

«Guw ýa-da ördek?.. Şuňa meňzeş «bolmalymy ýa-da bolmaly däl?»... diýen sorag birnäçe ýyl mundan öň Gamleti hem bimaza edipdir. «Guw ýa-da ördek!»... Ha-ha-ha!»

«Guw!»

«Ördek!»

«Guw!!!»

«Ördek!!!!!»

«Sergi gaty gowy. Suratlar täsir galdyryjy. Rafaýelýanyň hem-de biziň «Şluota» atly satiriki žurnalymyzyň suratçylarynyň täsiri ýeten ýaly görünýär.

Gaýybanaçylar toparynyň baştutany».

Berlen seslenmeler şulardan ybaratdy.

Kistoçka biraz dynç alyp, ýerinden galdy.

Ol özi barada ýazylan bahalary, gyzyklanmalary, jedelleri okap boldy-da, kitabyň gatyny gazaply ýapdy. Yzýanyndan ol gözlerini alardyp, suratlary synlamaga durdy.

Soňra «Aý ýog-a. Ol ýerde guwuň suraty çekilendi ahyryn. Näme, ol şeýle düşnüksizdimikä?» diýip, Kistoçka öz ýanyndan gynandy.

***Rus dilinden terjime eden:***
***Gunça HAMEDOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***

*To learn a language is to have one more window from which to look at the world.* — Chinese Proverb

*Люди, с легкостью изучающие иностранные языки, чаще всего обладают сильным характером.* — Людвиг Берне

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
Aýnabat NAZAROWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: B.Garaýew.
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow.
Kätip: A.Nobatowa.
Bölüm müdiri: A.Ýazweliýew.
Edebi işgärler: J.Öwezowa, A.Atajykowa.
Fotohabarçy: T.Myratlyýew.
Korrektorlar: G.Egirjäýewa, A.Döwletowa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.

Email:
yashdiplomathgi@gmail.com